**Howa ulaglary hakynda Awstriýanyň Federal Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda**

**YLALAŞYK**

Mundan beýläk Ylalaşýan Taraplar diýlip atlandyrylýan Awstriýanyň Federal Hökümeti we Türkmenistanyň Hökümeti, gol çekmek üçin Çikago şäherinde 1944-nji ýylyň 7-nji dekabrynda açyk bolan Halkara raýat awiasiýasy hakyndaky Konwensiýanyň taraplary bolmak bilen;

halkara howa gatnawlaryny howpsuz we degişli derejede guramak we şeýle gatnawlar babatda halkara hyzmatdaşlygyna ýokary mümkin bolan derejede ýardam bermek isläp; we

olaryň degişli çäkleriniň arasynda we olaryň çäklerinden daşarda yzygiderli howa gatnawlaryny ösdürmäge oňaýly şertleri döretmek üçin Ylalaşyk baglaşmak isläp;

şular barada ylalaşdylar:

**1-nji madda**

**Kesgitlemeler**

Şu Ylalaşygyň şertleri üçin:

**a)** «Konwensiýa» adalgasy şol Goşundylar ýa-da düzedişler iki Ylalaşýan Tarap üçin hem ulanarlykly derejede şol Konwensiýanyň 90-njy maddasyna laýyklykda kabul edilen islendik Goşundyny, we 90-njy we 94-nji Maddalara laýyklykda Goşundylara ýa-da Konwensiýa islendik düzedişi öz içine alýan, gol çekmek üçin Çikago şäherinde 1944-nji ýylyň 7-nji dekabrynda açyk bolan Halkara raýat awiasiýasy hakyndaky Konwensiýany aňladýar;

**b)** «awiasiýa häkimiýetleri» adalgasy Awstriýanyň Federal Hökümeti babatda Ulag, innowasiýalar we tehnologiýalar ministrligini, Türkmenistanyň Hökümeti babatda – Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Türkmenhowaýollary döwlet milli gullugyny, ýa-da, iki halatda hem häzirki wagtda bellenip geçilen häkimiýetler tarapyndan islendik wezipeleri, ýa-da meňzeş wezipeleri ýerine ýetirmäge ygtyýarly edilen islendik tarapy ýa-da edarany aňladýar;

**ç)** «ylalaşylan gatnatmalar» adalgasy şu Ylalaşyga Goşundyda görkezilen ugurda (ugurlarda) ýolagçylary, goşlary, ýükleri we poçtany gatnatmak üçin yzygiderli halkara howa gatnawlaryny aňladýar;

**d)** «bellenen awiakärhana» adalgasy şu Ylalaşygyň 3-nji maddasyna laýyklykda bellenen we ygtyýarly edilen islendik awiakärhanany aňladýar;

**e)** «çäkler» adalgasynyň oňa Konwensiýanyň 2-nji Maddasynda degişli edilen manysy bardyr;

**f)** «howa gatnawlary», «halkara howa gatnawlary», «awiakärhana» we «täjirçilik däl

maksatlar bilen durmak» adalgalary Konwensiýanyň 96-njy Maddasynda bu adalgalara degişli edilen mana eýedir;

g) «bellenen ugur» adalgasy şu Ylalaşyga Goşundyda bellenen ugry aňladýar;

h) «daşamak üçin sygyndylyk» adalgasy ylalaşylan gatnatmalar babatda şeýle gatnatmalarda ulanylýan howa gämisiniň bar bolan peýdaly ýük göterijiliginiň şeýle howa gämisi tarapyndan kesgitli döwri üçin ugurda ýa-da ugruň bir böleginde ulanylýan uçuşlaryň ýygylygyna köpeldilen möçberini aňladýar;

i) «nyrh» adalgasy ýolagçylaryň, goşlaryň we ýüküň daşalmagy we şeýle nyrhlar ulanylýan şertler üçin tölenýän nyrhlary, şol sanda komission ýygymlary we agentlik üçin beýleki goşmaça haky, ýa-da gatnadyş resminamalaryny satmagy aňladýar, ýöne poçtanyň gatnadylmagy üçin hak we şertler muňa girmeýär; we

j) «Goşundy» adalgasy girizilen düzedişler bilen şu Ylalaşyga Goşundyny aňladýar. Goşundy Ylalaşygyň aýrylmaz bölegini düzýär, we Ylalaşyga ähli salgylanmalar Goşunda salgylanmalary hem öz içine alar, başgaça göz öňünde tutulan halatlar muňa girmeýär;

k) şu Ylalaşykda Awstriýa Respublikasynyň raýatlaryna salgylanmalara Ýewropa Bileleşigine agza döwletleriň raýatlaryna salgylanmalar hökmünde düşünilmelidir;

l) şu Ylalaşykda Awstriýa Respublikasynyň awiakärhanalaryna salgylanmalara Awstriýa Respublikasy tarapyndan bellenen awiakärhanalara salgylanmalar hökmünde düşünilmelidir;

m) şu Ylalaşykda «ÝB-niň Şertnamalaryna» salgylanmalara Ýewropa Bileleşigini döretmek hakyndaky Şertnama we Ýewropa Bileleşiginiň hereket etmegi hakyndaky Şertnama salgylanmalar hökmünde düşünilmelidir.

## 2-nji madda

## Hukuklary bermek

**1.** Her bir Ylalaşýan Tarap beýleki Ylalaşýan Tarapa Ugruň Meýilnamasynda görkezilen ugurlar boýunça yzygiderli howa gatnawlaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, şu Ylalaşykda kesgitlenen hukuklary berýär.

**2.** Şu Ylalaşygyň düzümlerine laýyklykda her bir Ylalaşýan Tarap tarapyndan bellenen awiakärhanalar görkezilen ugurlarda ylalaşygyň gatnatmalary ýerine ýetirilen wagtynda şu hukuklardan peýdalanar:

**a)** onuň çäklerinden gonmasyz uçup geçmek; we

**b)** onuň çäklerinde täjirçilik däl maksatlar bilen gonmagy ýerine ýetirmek; we

**ç)** borta ýolagçylary, goşlary, ýüki, şol sanda birinji Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde olar üçin ýa-da nokatdan (nokatlardan) gelýänler üçin niýetlenen poçtany aýratynlykda ýa-da utgaşdyrylan görnüşde mündürmek we kabul etmek maksady bilen, beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde Goşundyda görkezilen nokatlarda gonuşlary ýerine ýetirmek.

**3.** (2) bölümde hiç bir zada islendik Ylalaşýan Tarap tarapyndan bellenen awiakärhanalara şol beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde hak ýa-da kärende şertlerinde we şol beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde beýleki nokada geçirilýän ýolagçylary, goşlary we ýüki, şol sanda poçtany almaga hukugyň berilmegi hökmünde seredilmeli däldir.

### 3-nji madda

### Awiakärhanalary bellemek
### we rugsatnamalary yzyna almak

**1.** Her bir Ylalaşýan Tarapyň görkezilen ugurlarda ylalaşylan gatnatmalary ýerine ýetirmek maksady bilen, bu barada beýleki Ylalaşýan Tarapa ýazmaça habar berip, awiakärhanany ýa-da awiakärhanalary bellemäge, we şeýle islendik awiakärhananyň bellenmegini yzyna çagyrmaga, ýa-da öň bellenen awiakärhanany başga awiakärhana bilen çalşyrmaga hukugy bardyr.

**2.** Şeýle bellemek iki Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleriniň arasynda diplomatik ýollar arkaly ýazmaça habarnama bermek bilen ýerine ýetirilýär.

**3.** Bir Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleri beýleki Ylalaşýan Tarap tarapyndan bellenen awiakärhanadan Konwensiýanyň düzgünlerine laýyklykda halkara howa gatnawlaryny ýerine ýetirmek babatda şol häkimiýetler tarapyndan ulanylýan kanunlar we düzgünler boýunça bellenen şertleri ýerine ýetirmäge ygtyýarynyň bardygynyň subutnamasyny olara bermegi talap edip bilerler.

**4.** Şeýle belleme alnanda beýleki Ylalaşýan Tarap:

**(a)** Awstriýanyň Federal Hökümeti tarapyndan bellenen awiakärhanalar bilen bagly babatda:

**(i)** ol Ýewropa Bileleşigini döretmek hakyndaky Şertnama boýunça Awstriýa Respublikasynyň çäklerinde döredilen bolsa we onuň Ýewropa Bileleşiginiň kanunyna laýyklykda gatnatmalary ýerine ýetirmek üçin hereket edýän ygtyýarnamasy bar bolsa; we

**(ii)** awiakärhana netijeli, degişli ýolbaşçylyk öz howa gatnawlarynyň ekspluatantynyň güwänamasynyň berilmegi üçin jogapkär Ýewropa

Bileleşigine Agza bolup duryan Döwlet tarapyndan ýerine ýetirilýän we goldanylýan bolsa we bellemede degişli awiasiýa edarasy anyk kesgitlenen bolsa; we

**(iii)** awiakärhana Ýewropa Bileleşigine Agza bolup duryan Döwlet ýa-da Ýewropanyň erkin söwda assosiasiýasynyň Döwletleri (ÝESA), we/ýa-da şeýle Döwletleriň raýatlary gönüden-göni ýa-da paýnamalaryň gözegçilikli bukjasynyň üsti bilen eýeçilik edýän we oňa netijeli ýolbaşçylyk edýän bolsa;

**(b)** Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan bellenen awiakärhanalar bilen bagly babatda:

**(i)** ol Türkmenistanyň çäklerinde döredilen bolsa we onuň Türkmenistanyň hereket edýän kanunyna laýyklykda gatnatmalary ýerine ýetirmek üçin hereket edýän ygtyýarnamasy bar bolsa;

**(ii)** awiakärhana täsirli, netijeli ýolbaşçylyk Türkmenistan tarapyndan ýerine ýetirilýän we goldanylýan bolsa, we Türkmenistan howa gämileriniň ekspluatantynyň öz güwänamasynyň berilmegi üçin jogap berýän bolsa; we

**(iii)** awiakärhana Türkmenistan we/ýa-da onuň raýatlary gönüden-göni ýa-da paýnamalaryň gözegçilikli bukjasynyň üsti bilen eýeçilik edýän we oňa netijeli ýolbaşçylyk edýän bolsa, amallary mümkin bolan derejede az wagt bökdäp ýerine ýetirmek bilen, degişli ygtyýarlygy we rugsady berýär.

**5.** Islendik Ylalaşýan Tarap beýleki Ylalaşýan Tarap tarapyndan bellenen awiakärhana uçuşlary ýerine ýetirmek üçin rugsatnamany ýa-da tehniki rugsatnamalary bermegi şu halatlarda:

**(a)** Awstriýanyň Federal Hökümeti tarapyndan bellenen awiakärhanalar bilen bagly babatda:

**(i)** ol Ýewropa Bileleşigini döretmek hakyndaky Şertnama boýunça Awstriýa Respublikasynyň çäklerinde döredilmedik bolsa we onuň Ýewropa Bileleşiginiň kanunyna laýyklykda gatnatmalary ýerine ýetirmek üçin hereket edýän ygtyýarnamasy ýok bolsa; ýa-da

**(ii)** awiakärhana netijeli, degişli ýolbaşçylyk öz howa gatnawlarynyň ekspluatantynyň güwänamasynyň berilmegi üçin jogapkär Ýewropa Bileleşigine Agza bolup duryan Döwlet tarapyndan ýerine ýetirilmeýän we goldanylmaýan bolsa we bellemede degişli awiasiýa edarasy anyk kesgitlenmedik bolsa; we

**(iii)** awiakärhana Ýewropa Bileleşigine Agza bolup duryan Döwlet ýa-da Ýewropanyň erkin söwda assosiasiýasynyň Döwletleri (ÝESA), we/ýa-da şeýle Döwletleriň raýatlary gönüden-göni ýa-da paýnamalaryň gözegçilikli bukjasynyň üsti bilen eýeçilik etmeýän we oňa netijeli ýolbaşçylyk etmeýän bolsa;

**(b)** Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan bellenen awiakärhanalar bilen bagly babatda:

**(i)** ol Türkmenistanyň çäklerinde döredilmedik bolsa we onuň Türkmenistanyň hereket edýän kanunyna laýyklykda gatnatmalary ýerine ýetirmek üçin hereket edýän ygtyýarnamasy ýok bolsa;

**(ii)** awiakärhana täsirli, netijeli ýolbaşçylyk Türkmenistan tarapyndan ýerine ýetirilmeýän we goldanylmaýan bolsa, we Türkmenistan howa gämileriniň ekspluatantynyň öz güwänamasynyň berilmegi üçin jogap bermeýän bolsa; we

**(iii)** awiakärhana Türkmenistan we/ýa-da onuň raýatlary gönüden-göni ýa-da paýnamalaryň gözegçilikli bukjasynyň üsti bilen eýeçilik etmeýän we oňa netijeli ýolbaşçylyk etmeýän bolsa, yzyna çagyryp, wagtlaýyn togtadyp ýa-da çäklendirip biler.

**6.** Şu Ylalaşykda Awstriýa Respublikasynyň raýatlaryna salgylanma Ýewropa Bileleşiginiň agzalary bolup durýan Döwlerleriň raýatlaryna salgylanma hökmünde düşünilmelidir.

**7.** Şeýle görnüşde bellenen we şu madda laýyklykda rugsatnamany alan kärhana şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda ylalaşylan gatnatmalary ulanmaga islendik wagt başlap biler.

## 4-nji madda

## Kanunlary we düzgünleri ulanmak

**1.** Bir Ylalaşýan Tarapyň kanunlary we düzgünleri beýleki Ylalaşýan Tarap tarapyndan bellenen howa gämisiniň nawigasiýasy we ulanylmagy babatda onuň birinji Ylalaşýan Tarapyň çäklerine gelen, onuň çäkleriniň üstünden uçup geçen, onuň çäklerinde bolan we onuň çäklerinden uçan wagtynda ulanylmalydyr.

**2.** Bir Ylalaşýan Tarapyň ýolagçylaryň, ekipažyň, ýüküň ýa-da poçtanyň onuň çäklerine gelmegini, onda bolmagyny we ondan uçmagyny, şeýle hem girilmegi, çykylmagy, emigrasiýa, immigrasiýa, gümrük gullugy, sanitariýa we karantin kadalary bilen baglanyşykly resmilikleri düzgünleşdirýän kanunlary we düzgünleri beýleki Ylalaşýan Tarap tarapyndan bellenen awiakärhananyň howa gämisiniň bortunda gatnadylýan ýolagçylara, ekipaža, ýüke we poçta olaryň ýokarda bellenen çäklerde bolan wagtynda degişli edilmelidir.

**3.** Her bir Ylalaşýan Tarap, haýyş edilmegi boýunça, şu maddada salgylanylýan kanunlaryň we düzgünleriň göçürme nusgalaryny beýleki Ylalaşýan Tarapa berýär.

## 5-nji madda

## Gümrük we beýleki paçlardan aýyrmak

1. Her bir Ylalaşýan Tarapyň bellän awiakärhanasy (awiakärhanalary) tarapyndan halkara howa gatnawlarynda ulanylýan howa gämisi, şeýle hem şeýle howa gämileriniň bortundaky olaryň standart enjamlary, ýangyç, çalgy materiallary we howa gämisiniň bort ätiýaçlyklary (şol sanda, iýmit, içgiler we temmäki önümleri), şeýle standart enjamlar we azyk ätiýaçlyklary olaryň reeksport edilen pursadyna çenli howa gämisiniň bortunda galýan bolsa, ähli gümrük paçlaryndan, gözegçilik ýygymlaryndan we beýleki paçlardan ýa-da salgytlardan beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerine gelende boşadylmalydyr.

2. Şeýle hem şular şeýle paçlardan we salgytlardan boşadylýar (edilen hyzmata degişli ýygymlar muňa girmeýär):

(a) görkezilen Ylalaşýan Tarapyň degişli häkimiýetler tarapyndan bellenen çäkli möçberleriň çäklerindäki we beýleki Ylalaşýan Tarapyň görkezilen ugrunda hereket edýän howa gämisiniň bortunda ulanmak üçin niýetlenen howa gämisiniň bortuna islendik Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde alnan howa gämisiniň ätiýaçlyklary;

(b) beýleki Ylalaşýan Tarapyň bellän awiakärhanasy (awiakärhanalary) tarapyndan görkezilen ugurda ulanylýan howa gämisine tehniki hyzmat etmek ýa-da ony abatlamak üçin islendik Ylalaşýan Tarapyň çäklerine girizilen ätiýaçlyk şaýlar;

(ç) hatda bu üpjünçilikler olaryň howa gämisiniň bortuna kabul edilen Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde ýerine ýetirilýän uçuşyň bir böleginde ulanyljak bolsa-da, beýleki Ylalaşýan Tarapyň bellän awiakärhanasy (awiakärhanalary) tarapyndan görkezilen ugurda ulanylýan howa gämisi üçin niýetlenen ýangyç we çalgy materiallary.

Ýokarda (a), (b) we (ç) kiçi bölümlerde görkezilen materiallaryň gümrük gullugynyň gözegçiligi astynda ýa-da gözegçilik etmeginde ýerleşdirilmegi talap edilip bilner.

**3.** Islendik Ylalaşýan Tarapyň howa gämisiniň bortunda saklanýan standart bort enjamlary, şeýle hem materiallar we üpjünçilikler beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde diňe şol Ylalaşýan Tarapyň gümrük häkimiýetleriniň rugsat bermegi boýunça düşürilip bilner. Şeýle halatda olar ýokarda bellenen häkimiýetleriň gözegçili astynda olaryň reeksportirlenmegine ýa-da gümrük düzgünlerine laýyklykda başgaça ýerleşdirilmegine çenli ýerleşdirilip bilner.

## 6-njy madda

## Salgyt salmak

1. Uçaryň halkara gatnawlarynda ulanylmagyndan alynýan girdejilere diňe kompaniýanyň hereket edýän edarasynyň ýerleşen Ylalaşýan Tarapynyň çäklerinde salgyt salynmalydyr.

2. Halkara gatnatmalarynda ulanylýan uçar arkaly we şeýle yçaryň ulanylmagyna degişli gozgalýan emläk arkaly berlen maýa diňe kompaniýanyň hereket edýän edarasynda ýerleşýän Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde salgyt salynmalydyr.

3. Eger Ylalaşýan Taraplaryň arasynda girdeji we maýa üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak boýunça ýörite Şertnama bar bolsa, şol Şertnamanyň düzgünleri ileri tutular.

## 7-nji madda

## Peýdalanyjydan ýygymlar

**1.** Her bir Ylalaşýan Tarap beýleki Ylalaşýan Tarapyň bellän awiakärhanasyndan peýdalanyjydan ýygymlary şoňa meňzeş halkara howa gatnatmalaryny ýerine ýetirýän öz awiakärhanalaryna salynýan ýygymlardan ýokary salmaly däldir ýa-da ýokary ýygymlaryň salynmagyna rugsat bermeli däldir.

**2.** Peýdalanyjydan şol ýygymlar her bir Ylalaşýan Tarapyň bellenen awiakärhanalarynyň şoňa meňzeş halkara howa gatnawlary bilen meşgullanýan howa gämilerine salynýan ýygymlardan ýokary bolmaly däldir.

**3.** Şeýle ýygymlar esaslandyrylan we paýhasly derejede bolmalydyr we anyk ykdysady ýörelgelere esaslanmalydyr.

**8-nji madda**

**Göni üstaşyr gatnatma**

Islendik Ylalaşýan Tarapyň çäkleriniň üstünden göni üstaşyr geçýän we şeýle maksat üçin bellenen howa menziliniň çäginden çykmaýan ýolagçylar, goşlar we ýük, şol sanda poçta ýönekeý barlagdan ýokary barlaga sezewar edilmeli däldir. Zorluk we howa garakçylygy ýaly bikanun gatyşylmak howpuna garşy gönükdirilen awiasiýa howpsuzlygy çäreleri we gadagan edilen neşe serişdelerini gatnatmaga garşy göreş boýunça döwürleýin çäreler muňa girmeýär. Göni üstaşyr geçýän goşlar, ýük we poçta gümrük paçlaryndan, ýygymlardan we beýleki şoňa meňzeş salgytlardan boşadylmalydyr.

## 9-njy madda

### Güwänamalary we hünär derejeleriniň şahadatnamalaryny ykrar etmek

**1.** Bir Ylalaşýan Tarapyň düzgünlerine we amallaryna, şol sanda Awstriýa Respublikasy bilen baglanyşykly halatda Ýewropa Bileleşiginiň kanunlaryna we düzgünlerine laýyklykda berlen ýa-da hakyky diýlip ykrar edilen we hereket edýän uçuşa ýaramlylyk güwänamalary, hünär derejeleriniň şahadatnamalary we uçar şahadatnamalary şeýle güwänamalar ýa-da şahadatnamalar hereket edýän we Çikago Konwensiýasy boýunça bellenen iň pes standartlara deň ýa-da olardan ýokary standartlar boýunça berlen ýa-da hakyky diýlip ykrar edilen halatynda ylalaşylan gatnatmalary ýerine ýetirmek maksady bilen, beýleki Ylalaşýan Tarap tarapyndan hakyky diýlip ykrar edilmelidir.

**2.** Şeýle hem 1) bölüm Awstriýanyň Federal Hökümeti tarapyndan bellenen awiakärhana babatda-da düzgünleşdiriji täsir Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolup durýan beýleki döwlet tarapyndan ýerine ýetirilýän we goldanylýan halatynda ulanarlyklydyr.

**3.** Muňa garamazdan, her bir Ylalaşýan Tarap, öz çäkleriniň üstünden uçuşlary ýerine ýetirmek maksady bilen, onuň öz raýatlaryna beýleki Ylalaşýan Tarapyň ýa-da islendik beýleki döwletiň beren hünär derejeleriniň şahadatnamalaryny we şahsyýetnamalaryny hakyky diýip ykrar etmekden ýüz döndermek hukugyny özünde saklap galýar.

## 10-njy madda

## Nyrhlar

**1.** Her bir Ylalaşýan Tarap yzygiderli howa gatnatmalary üçin nyrhlaryň her bir awiakärhana tarapyndan bazardaky täjirçilik ýörelgeleriniň esasynda bellenmegine mümkinçilik berýär. Taraplaryň gatyşmagy:

**(a)** paýhasly däl kemsidiji nyrhlara ýa-da tejribä ýol bermezlik;

**(b)** müşderileri agalyk ediji düzgüniň hyýanatçylykly peýdalanylmagy ýa-da uçarly gatnadyjylaryň arasynda guramaçylykly tejribeler sebäpli paýhassyz derejede ýokary ýa-da paýhassyz derejede çäklendirilen nyrhlardan goramak; we

**(ç)** awiakärhanalary göni ýa-da gytaklaýyn hökümet karzlary ýa-da goldawy sebäpli emeli ýol bilen peseldilen nyrhlardan goramak arkaly çäklendirilýär.

**2.** Ylalaşýan Taraplaryň çäkleriniň arasyndaky halkara howa gatnatmalary boýunça nyrhlaryň hasaba alynmagy talap edilmez. Ýokarda beýan edilendigine garamazdan, Ylalaşýan Taraplaryň awiakärhanalary, talap edilmegi boýunça Ylalaşýan Taraplaryň awiasiýa häkimiýetlerine taryhy, bar bolan we teklip edilýän nyrhlar boýunça maglumatlaryň şol awiasiýa häkimiýetleriniň kabul ederlik derejesindäki usul we ölçeg boýunça haýal etmän elýeterli bolmagyny üpjün etmegi dowam etmelidirler.

**11-nji madda**

**Täjirçilik wekilhanasy we iş**

1. Her bir Ylalaşýan Tarapyň bellän awiakärhanalaryna:

(a) beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde howa gatnatmalaryny höweslendirmek we şeýle beýleki Ylalaşýan Tarapyň kanunçylygyna laýyklykda uçar peteklerini satmak üçin edaralary açmaga we howa gatnatmalaryny üpjün etmek üçin zerur bolan beýleki serişdeleri açmaga; we

(b) beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde şeýle beýleki Ylalaşýan Tarapyň girmek, ýaşamak we işe hakyna tutmak boýunça kanunçylygyna laýyklykda howa gatnatmalaryny üpjün etmek üçin zerur bolan ýolbaşçylyk etmek, täjirçilik, tehniki, dolandyryş we beýleki borçlary ýerine ýetirjek işgärleri getirmäge we saklamaga; we

(ç) beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde gönüden-göni we, awiakärhanalaryň öz garamagyna görä öz wekilleriniň üsti bilen howa gatnatmalarynyň satuwy üçin işgärleri çekmäge rugsat berýär.

2. Her bir Ylalaşýan Tarapyň ygtyýarly häkimiýetleri beýleki Ylalaşýan Tarapyň awiakärhanalarynyň wekilhanasynyň öz işini degişli tertipde amala aşyryp bilmegi üçin ähli zerur çäreleri görer.

3. Her bir Ylalaşýan Tarapyň bellän awiakärhanalary beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde howa gatnatmasynyň satuwyna eýe bolar, islendik tarap bolsa şeýle gatnatmany şol çäkleriň pulunda ýa-da puly çalyşmagyň hereket edýän düzgünlerine (puly düzgünleşdirmegiň düzgünlerine) laýyklykda beýleki ýurtlaryň erkin ýörgünli pulunda erkin satyn alyp biler.

## 12-nji madda

### Puly öwürmek we girdejileri geçirmek

Her bir Ylalaşýan Tarap beýleki Ylalaşýan Tarapyň bellän awiakärhanalaryna girdejileriň alnan çäklerinde puly düzgünleşdirmegiň düzgünlerine laýyklykda olaryň çäklerine girdejileriň çykdajylardan geçýän böleginiň pul möçberlerini erkin geçirmek hukugyny berýär. Bir Ylalaşýan Tarapyň awiakärhanalarynyň beýleki Ylalaşýan Tarapyň milli pulundaky girdejilerini öwürmek puly düzgünleşdirmegiň hereket edýän düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýar.

## 13-nji madda

## Daşamagyň möçberleriniň düzgünleri

**1.** Her bir Ylalaşýan Tarap iki Ylalaşýan Tarapyň bellenen awiakärhanalary üçin şu Ylalaşyk bilen bellenen halkara howa gatnatmalaryna gatnaşmaga adalatly deň mümkinçilikleri berýär.

**2.** Her bir Ylalaşýan Tarap her bir bellenen awiakärhana bazardaky täjirçilik ýörelgelerine esaslanyp, oňa hödürlenýän halkara howa gatnatmalarynyň ýygylygyny we möçberini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şu hukuk bilen bilelikde Ylalaşýan Taraplaryň hiç biri gatnatmalaryň möçberini, ýygylygyny ýa-dayzygiderliligini, ýa-da beýleki Ylalaşýan Tarapyň bellän awiakärhanalary tarapyndan ulanylýan howa gämisiniň (howa gämileriniň) görnüşini (görnüşlerini) birtaraplaýyn esasda çäklendirmeli däldir. Eger bu gümrük, tehniki, ulanyş sebäpleri ýa-da daşky gurşaw bilen baglanyşykly sebäpler, Konwensiýanyň 15-nji Maddasyna laýyklykda ýeke-täk şertler boýunça zerurlyga görä ýüze çykan bolsa, muňa girmeýär.

**3.** Ylalaşýan Tarapyň bellän awiakärhanalarynda olaryň uçuşlarynyň meýilnamalary olaryň ýerine ýetirilmeginiň başlanmagynyň göz öňünde tutulýan senesine çenli azyndan otuz (30) gün öň beýleki Ylalaşýan Tarapyň awiasiýa häkimiýetleri tarapyndan tassyklanmagy üçin talap edilip bilner. Şeýle amal uçuşlaryň meýilnamasyna girizilýän islendik üýtgetme babatda hem ulanylýar.

Aýratyn halatlarda ýokarda bellenen häkimiýetleriň razylyk beren ýagdaýynda bu wagt möhleti gysgaldylyp bilner.

**4.** Ylalaşýan Taraplaryň hiç biri bellenen awiakärhana ýa-da awiakärhanalara islendik beýleki awiakärhana ýa-da awiakärhanalar bilen bilelikde ýa-da aýratynlykda bazarda agalyk etmeginden täsir etmegi mümkin bolan we bäsdeşiniň güýjüni gowşatmak ýa-da bäsdeşini uçuş ugrundan gysyp çykarjak usuly ulanmak arkaly hyýanatçylykly peýdalanmaga mümkinçilik bermeli däldir.

**5.** Ylalaşýan Taraplaryň hiç biri özüniň bellenen awiakärhanasy ýa-da

awiakärhanalary üçin ýa-da olara beýleki Ylalaşýan Tarapyň awiakärhanalary babatda halkara howa gatnatmalaryny üpjün etmekde bäsleşmäge bolan adalatly we deň mümkinçilige ýaramaz täsir etjek derejede döwlet dotasiýalaryny ýa-da goldawyny bermez ýa-da muňa rugsat etmez.

6. Döwlet dotasiýasy (subsidiýasy) ýa-da maliýe goldawy döwlet tarapyndan bellenen ýa-da üstünden gözegçilik edilýän döwlet ýa-da jemgyýetçilik ýa-da hususy edara tarapyndan bellenen awiakärhana hukuklary kemsitmek esasynda göni ýa-da gytaklaýyn goldaw bermegi aňladýar. Çäklendirilmesiz, muňa ulanyş ýitgileriniň öwezini dolmak; artykmaçlykly şertlerde maýa goýumlaryny bermek, öwezi dolunmaýan grantlar we karzlar; çak edilýän peýdalaryň hasabyna maliýe bähbitlerini bermek ýa-da alynmaly pullaryň öwezini dolmak; ulanylan döwlet gaznalarynyň kadaly düşewüntliligi; salgytlardan boşadylmak; döwlet häkimiýet edaralary tarapyndan bellenýän maliýe borçnamalary üçin öwezini dolmak; ýa-da howa menzilleriniň enjamlaryna, ýangyja ýa-da howa gatnatmalaryny kadaly ýerine ýetirmek üçin zerur bolan beýleki paýhasly derejedäki serişdelere hukugy kemsidiji elýeterlilik muňa girip biler.

7. Eger-de Ylalaşýan Tarap bellenen awiakärhana şu Ylalaşyk boýunça ýerine ýetirilýän howa gatnatmalary babatda döwlet subsidiýasyny ýa-da goldawyny berýän bolsa, şol Tarap awiakärhananyň subsidiýany ýa-da maliýe goldawyny öz hasaplarynda anyk we aýratyn kesgitlemegi talap etmelidir.

8. Eger-de Ylalaşýan Taraplaryň birinde onuň bellenen awiakärhanalarynyň hukuklarynyň kemsidilýändigi ýa-da olaryň garşysyna akýürekli bolmadyk usullaryň ulanylýandygy barada, ýa-da beýleki Ylalaşýan Tarapyň garamagynda bolup duran ýa-da onuň berýän subsidiýasynyň ýa-da maliýe goldawynyň Ylalaşýan Taraplaryň birinjisiniň awiakärhanalarynyň halkara howa gatnatmalaryny üpjün etmekde bäsleşmäge bolan adalatly we deň mümkinçilige ýaramaz täsir etjekdigi ýa-da ýaramaz täsir edýändigi barada esasly ynjalyksyzlanmanyň bolan ýagdaýynda, onuň beýleki Ylalaşýan Tarapyň bellän awiakärhanasynyň şu Ylalaşygyň 2-nji maddasynda görkezilen hukuklarynyň ýerine ýetirilmegini togtatmaga ýa-da uçuşlaryň ýerine ýetirilmegine berlen rugsatlaryň hereket etmegini bes etmäge, ýa-da

şol hukuklary ýerine ýetirmek üçin zerur diýip hasap edýän şertlerini goýmaga hukugy bolar.

## 14-nji madda

## Uçuşlaryň howpsuzlygy

1. Her bir Ylalaşýan Tarap beýleki Ylalaşýan Tarapyň ekipažlar, howa gämileri we olary ulanmak babatda kabul eden uçuşlaryň howpsuzlygynyň standartlary boýunça geňeşmeleri geçirmek barada islendik wagt ýüz tutup biler. Şeýle geňeşmeler şeýle ýüz tutmadan soňra otuz (30) günüň dowamynda başlanmalydyr.

2. Eger şeýle geňeşmeler geçirilenden soňra Ylalaşýan Taraplaryň biri beýleki Ylalaşýan Tarap bu ugurlarda şol pursatda Konwensiýa laýyklykda azyndan bellenen iň pes standartlara deň bolan howpsuzlyk standartlaryny we talaplaryny degişli derejede saklamaýar we ýerine ýetirmeýär diýen netijä gelse, onda birinji Ylalaşýan Tarap beýleki Ylalaşýan Tarapa şeýle netijeler we şol iň pes standartlara laýyk gelmegi üçin zerur diýlip hasaplanylýan çäreler we beýleki Ylalaşýan Tarapyň degişli düzetmek boýunça hereketleri amala aşyrylmalydygy barada habar berýär. Eger beýleki Ylalaşýan Tarap on bäş (15) günüň dowamynda ýa-da ondan has uzak ylalaşylan möhletiň dowamynda degişli hereketleri etmese, onda bu şu Ylalaşygyň 3-nji Maddasynyň (5) bölümini (awiakärhanalary bellemek we rugsatnamalary yzyna almak) ulanmak üçin esas bolup durar.

3. Konwensiýanyň 33-nji Maddasynda bellenip geçilen borçnamalara garamazdan, bir Ylalaşýan Tarapyň bellenen awiakärhanalary tarapyndan ulanylýan islendik howa gämisi beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerine ýa-da çäklerinden howa gatnatmasyny ýerine ýetirende, beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde bolanda beýleki Ylalaşýan Tarapyň ygtyýarly wekilleri tarapyndan gözden geçirişe sezewar edilip bilinjekdigi barada ylalaşyldy. Gözden geçiriş ol sebäpsiz bökdelmegine getirmeýän ýagdaýda bortda-da, howa gämisiniň daşyndan gözden geçirmek görnüşinde-de, bort resminamalarynyň we ekipažyň agzalarynyň resminamalarynyň hakykylygyny barlamak, uçaryň we onuň bort enjamlarynyň daşky ýagdaýyny barlamak (şu Maddada: «perron göçegçiligi» diýilýär) görnüşinde-de geçirilip bilner.

4. Eger şeýle perron göçegçiliginiň ýa-da perron göçegçilikleriniň toplumynyň

geçirilmeginiň netijesinde:

(a) howa gämisiniň ýa-da howa gämisiniň ulanylmagynyň Konwensiýa laýyklykda şol wagtda bellenen iň pes standartlara laýyk gelmeýändigi bilen baglanyşykly düýpli meseleler; ýa-da

(b) Konwensiýa laýyklykda şol wagt bellenen netijeli tehniki hyzmatlaryň edilmeginiň we howpsuzlyk standartlarynyň ýerine ýetirilmeginiň ýetmezçiligi bilen baglanyşykly düýpli meseleler ýüze çyksa;

Gözegçiligi ýerine ýetirýän Ylalaşýan Tarap Konwensiýanyň 33-nji Maddasyny ýerine ýetirmek maksady bilen, garaşsyz ýagdaýda, şol howa gämisi babatda esasynda şahadatnama ýa-da ygtyýarnamalar berlen ýa-da hakyky diýlip hasaplanan talaplaryň, ýa-da esasynda howa gämisi ulanylýan talaplaryň Konwensiýa laýyklykda bellenen iň pes standartlara deň gelmeýändigi ýa-da laýyk gelmeýändigi barada netijenama çykarmalydyr.

5. Eger bir Ylalaşýan Tarapyň awiakärhanasy tarapyndan şu Maddanyň 3-nji bölümine laýyklykda ulanylýan howa gämisinde perron gözegçiligini ýerine ýetirmek üçin, şol awiakärhananyň (awiakärhanalaryň) wekili tarapyndan uçara barmaga rugsat bermekden ýüz dönderilse, beýleki Ylalaşýan Tarap şu Maddanyň (4) bölüminde bellenip geçilen düýpli meseleler ýüze çykdy diýen netijä gelip we şol bölümde görkezilen netijenamalary çykaryp biler.

6. Her bir Ylalaşýan Tarap eger birinji Ylalaşýan Tarap perron göçegçiligini, perron gözegçilikleriniň toplumyny geçirenden soňra, ýa-da perron gözegçiligini, geňeşmeleri ýa-da beýleki hereketi geçirmek üçin rugsat bermekden ýüz dönderilmeginiň netijesinde beýleki Ylalaşýan Tarapyň kärhanasy ýa-da kärhanalary tarapyndan uçuşlaryň ýerine ýetirilmegine rugsatnamany haýal etmän togtatmak ýa-da üýtgetmek hukugyny özünde saklap galýar, uçuşlaryň ýerine ýetirilmeginiň howpsuzlygy üçin awiakärhana haýal etmän hereket etmegiň zerurdygy barada netijenama berýär.

7. Şu Maddanyň (2) ýa-da (6) bölümlerine laýyklykda bir Ylalaşýan Tarap tarapyndan edilen islendik hereket şeýle hereketi etmek üçin esasyň eýýäm ýok bolan badyna bes edilmelidir.

8. Awstriýa Respublikasy düzgünleşdiriji täsiri Ýewropa Bileleşigine agza bolup durýan döwlet tarapyndan ýerine ýetirilýän we goldanylýan awiakärhanany bellände beýleki Ylalaşýan Tarapyň şu Madda boýunça hukuklary şol beýleki Ýewropa Bileleşigine agza bolup durýan döwletiň howpsuzlyk standartlaryny kabul etmegi, ýerine ýetirmegi ýa-da goldamagy babatda we şol kärhana uçuşlary ýerine ýetirmek üçin rugsatnama babatda deň derejede ulanylar.

## 15-nji madda

## Awiasiýa howpsuzlygy

**1.** Ylalaşýan Taraplar, halkara kanunçylygy boýunça öz hukuklaryny we borçnamalaryny ýerine ýetirmekde yzygiderli bolmak bilen, olaryň raýat awiasiýasynyň bikanun gatyşylmak hereketlerinden howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça biri-biriniň öňündäki borçnamasynyň şu Ylalaşygyň aýrylmaz bölegi bolup durýandygyny tassyklaýarlar.

**2.** Ylalaşýan Taraplar aýratyn hem:

**a)** 1963-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda Tokioda gol çekilen howa gämisiniň bortunda amala aşyrylýan jenaýatlar we käbir beýleki hereketler hakyndaky Konwensiýanyň;

**b)** 1970-nji ýylyň 16-njy dekabrynda Gaagada gol çekilen howa gämileriniň bikanun eýelenmegine garşy göreş hakyndaky Konwensiýanyň;

**ç)** 1971-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Monrealda gol çekilen raýat awiasiýasynyň howpsuzlygyna garşy gönükdirilen bikanun hereketlere garşy göreşmek hakyndaky Konwensiýanyň;

**d)** 1988-nji ýylyň 24-nji fewralynda Monrealda gol çekilen raýat awiasiýasynyň Halkara Aeroportlarynda Bikanun zorluk hereketlerine garşy göreşmek hakyndaky Teswirnamanyň;

**e)** 1991-nji ýylyň 1-nji martynda Monrealda amala aşyrylan plastiki partlaýjy maddalary olary ýüze çykarmak maksady bilen belgilemek hakyndaky Konwensiýanyň,

we Ylalaşýan Taraplaryň ikisi üçin hem hökmany bolup durýan, raýat awiasiýasynyň howpsuzlygyny düzgünleşdirýän islendik beýleki köptaraplaýyn ylalaşygyň

düzgünlerine laýyklykda hereket etmelidirler.

3. Ylalaşýan Taraplar Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasy (IKAO) tarapyndan awiasiýa howpsuzlygy boýunça bellenen we Çikago Konwensiýasyna Goşundylar hökmünde kesgitlenen düzgünlere laýyklykda olary howpsuzlyk boýunça şeýle düzgünleriň Ylalaşýan Taraplar üçin ulanarlykly möçberde ikitaraplaýyn hereket ederler; olar howa gämilerini ulanyjylaryň olary hasaba aldyrmagyny, ýa-da Ylalaşýan Taraplaryň çäklerinde esasy iş ýeri bolan ýa-da hemişelik rezidensiýasy bolan howa gämilerini ulanyjylardan ýa-da, Awstriýa Respublikasy bilen baglanyşykly ýagdaýda onuň çäklerinde Ýewropa Bileleşigini döretmek hakyndaky Şertnama boýunça döredilen we Ýewropa Bileleşiginiň Kanunyna laýyklykda uçuşlary ýerine ýetirmäge hereket edýän Ygtyýarnamalary bolan howa gämilerini ulanyjylarynyň, we olaryň çäklerinde ýerleşýän aeroportlary ulanyjylaryň awiasiýa howpsuzlygy boýunça şeýle düzgünlere laýyklykda hereket etmeklerini talap etmelidirler.

4. Ylalaşýan Taraplar haýyş edilmegi boýunça howa gämisiniň bikanun eýelemek hereketleriniň we howa gämisiniň, olaryň ýolagçylarynyň we ekipažynyň, aeroportlaryň we aeronawigasiýa serişdeleriniň howpsuzlygyna garşy gönükdirilen beýleki bikanun hereketleriň we raýat awiasiýasynyň howpsuzlygynyň islendik beýleki wehimleriniň öňüni almak boýunça birek-birege ähli zerur ýardamy berýärler.

5. Her bir Ylalaşýan Tarap onuň howa gämilerini ulanyjylaryndan beýleki Ylalaşýan Taraplaryň çäklerine gelnende, onuň çäklerinden gidilende, ýa-da onuň çäklerinde bolnan wagtynda ýurtda hereket edýän kanunçylyga, şol sanda Awstriýa Respublikasy bilen baglanyşykly halatda Ýewropa Bileleşiginiň Kanunyna laýyklykda awiasiýa howpsuzlygy boýunça düzgünleriň berjaý edilmeginiň talap edilip bilinjekdigi bilen ylalaşýar.

6. Her bir Ylalaşýan Tarap onuň çäklerinde howa gämilerini goramak, olaryň mündirilmegine, ýüklenmegine ýa-da düşürilmegine çenli we olar mündirilen, ýüklenen ýa-da düşürilen wagtynda ýolagçylary, ekipažy, el goşlaryny, goşlary, ýüki we bort ätiýaçlyklaryny barlamak boýunça netijeli çäreleriň görüljekdigini kepillendirýär.

**7.** Her bir Ylalaşýan Tarap beýleki Ylalaşýan Tarapyň anyk wehimi aradan aýyrmak boýunça aýratyn howpsuzlyk çärelerini görmek babatda islendik haýyşyna hoşniýetli garamak barada ylalaşýar.

**8.** Raýat howa gämileri bikanun eýelenende ýa-da şeýle howplar dörände, ýa-da şeýle howa gämileriniň, olaryň ýolagçylarynyň we ekipažlarynyň, aeroportlaryň ýa-da aeronawigasiýa serişdeleriniň howpsuzlygyna garşy gönükdirilen beýleki bikanun hereketler ýüze çykanda ýa-da onuň ýüze çykmak howpy dörände, Ylalaşýan Taraplar aragatnaşygy üpjün etmekde we şeýle hereketleri ýa-da şeýle hereketleriň döremek howpuny çalt we howpsuz ýok etmäge gönükdirilen beýleki degişli çäreleri görmekde birek-birege ýardam berýärler.

**9.** Eger Ylalaşýan Tarapda beýleki Ylalaşýan Tarap şu malddanyň düzgünlerini bozýar diýip güman etmäge delilli esaslar bar bolsa birinji Ylalaşýan Tarapyň awiasiýa häkimiýetleri beýleki Ylalaşýan Tarapyň awiasiýa häkimiýetleri bilen haýal etmän geňeşmeleriň geçirilmegini sorap ýüz tutup biler. Eger şeýle ýüztutmanyň berlen gününden bir (1) aýyň dowamynda kanagatlanarly ylalaşyk gazanylmasa, onda bu şu Ylalaşygyň 3-nji maddasynyň (5) bölümini ulanmak (awiakärhanalary bellemek we rugsatnamalary yzyna almak) üçin esas bolup hyzmat eder. Adatdan daşary ýagdaýlarda her bir Ylalaşýan Tarap bir aýlyk möhletiň tamamlanmagyna çenli deslapky görnüşdäki çäreleri görüp biler.

## 16-njy madda

## Statistiki maglumatlary bermek

Bir Ylalaşýan Tarapyň awiasiýa häkimiýetleri beýleki Ylalaşýan Tarapyň awiasiýa häkimiýetlerine her bir Ylalaşýan Tarapyň kanunlary we düzgünleri göz öňünde tutulyp, maglumat üçin paýhasly derejede talap edilip bilinjek şeýle statistiki maglumatlary berýär.

## 17-nji madda

## Geňeşmeler

**1.** Islendik Ylalaşýan Tarapyň haýyşy boýunça her bir Ylalaşýan Tarapyň awiasiýa häkimiýetleri şu Ylalaşygy düşündirmek we ulanmak bilen baglanyşykly ähli meseleler babatda ýakyndan hyzmatdaşlygy saklamak üçin wagtal-wagtal geňeşmeleri geçirýärler.

**2.** Şeýle geňeşmeler bir Ylalaşýan Tarapyň ýüz tutan senesinden altmyş (60) günüň dowamynda başlanýar.

**18-nji madda**
**Üýtgetmeler girizmek**

**1.** Eger Ylalaşýan Taraplaryň islendigi şu Ylalaşygyň islendik düzgünine üýtgetme girizmek zerur diýip hasaplasa, ol islendik wagt beýleki Ylalaşýan Tarapa geňeşmeleri geçirmek barada ýüz tutup biler. Eger Ylalaşýan Taraplaryň ikisi hem bu möhleti uzaltmak barada ylalaşmasa, şeýle geňeşmeler (olar awiasiýa häkimiýetleriniň arasynda gepleşikler arkaly taýýarlanyp bilner) ýüz tutulan senesinden altmyş (60) günüň dowamynda başlanar.

**2.** Şeýle görnüşde ylalaşylan üýtgetmeler her bir Ylalaşýan Tarap tarapyndan tassyklanýar we Ylalaşýan Taraplaryň ikisiniň hem olaryň güýje girmegi üçin talaplaryň degişli hukuk amallaryna laýyklykda ýerine ýetirilendigi barada diplomatik notalar alyşmak arkaly birek-birege habar beren aýynyň yzyndan gelýän ikinji aýyň birinji gününden güýje girýär.

**3.** Şu Ylalaşyga goşunda üýtgetmeler Ylalaşýan Taraplaryň awiasiýa häkimiýetleriniň arasynda ylalaşylyp bilner we diplomatik notalar alyşmak arkaly tassyklanandan soňra güýje girýär.

## 19-njy madda

## Jedelleri düzgünleşdirmek

1. Şu Ylalaşygy düşündirmek ýa-da ulanmak bilen baglanyşykly Ylalaşýan Taraplaryň arasynda haýsy-da bolsa bir jedel ýüze çykan halatynda, Ylalaşýan Taraplar, ilkinji nobatda ony gepleşikleri geçirmek arkaly düzgünleşdirmäge synanyşýarlar.

2. Eger Ylalaşýan Taraplar jedeli gepleşikler arkaly düzgünleşdirip bilmeseler, olar jedeli çözmek üçin ony araçy kaza bermek barada ylalaşyp bilerler, ýa-da, islendik Ylalaşýan Tarapyň haýyşy boýunça jedel ony çözmek üçin üç araçy kazydan ybarat araçy kazyýete berlip bilner, araçy kazylaryň biri her bir Ylalaşýan Tarap tarapyndan bellenýär, üçünji araçy kazy bolsa şeýle ýol bilen bellenen iki araçy kazy tarapyndan bellenýär.

3. Her bir Ylalaşýan Tarap, jedeli araçy kazyýetde seljermek hakynda ýüz tutmak bilen Ylalaşýan Taraplaryň islendiginde beýleki Tarapyň habarnamany alan senesinden altmyş (60) günüň dowamynda araçy kazyny belleýär, üçünji araçy kazy bolsa şondan soňraky altmyş (60) günüň dowamynda bellenýär.

4. Eger Ylalaşýan Taraplar ýokarda bellenen möhletiň dowamynda araçy kazyny belläp bilmeseler, ýa-da üçünji araçy kazy bellenen möhletde bellenmese, islendik Ylalaşýan Tarap ýagdaýa baglylykda araçy kazyny ýa-da araçy kazylary bellemek barada Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasynyň Geňeşiniň başlygyna ýüz tutup biler. Şeýle halatda üçünji araçy kazy üçünji Döwletiň raýaty bolmalydyr, araçy kazyýetiň başlygy hökmünde hereket etmelidir we araçy kazyýetiň geçiriljek ýerini kesgitlemelidir. Eger Başlyk özüni jedeliň çözülmegi babatda bitarap hasap edilip bilinmejek döwletiň raýaty bolup duran hasaplasa, onda şol wezipäni ýerine ýetirmekden çetleşdirilmedik iň uly Wise Başlyk şeýle bellemäni amala aşyryp biler. Araçy kazyýet çözgüdi sesleriň köplügi bilen kabul edýär.

5. Ylalaşýan Taraplar şu Maddanyň (2) bölümine laýyklykda çykarylan islendik

çözgüdi ýerine ýetirmek barada borçnama kabul edýärler.

6. Eger şu Maddanyň (2) bölümine laýyklykda çykarylan çözgüdi Ylalaşýan Taraplaryň islendigi entek şu wagta çenli ýerine ýetirmese beýleki Ylalaşýan Tarap şu Ylalaşyk boýunça öz borçnamalaryny ýerinen ýetirmedik Ylalaşýan Tarapa ýa-da öz borçnamalaryny ýerine ýetirmedik bellenen awiakärhana beren hukuklaryny ýa-da artykmaçlyklaryny çäklendirip, togtadyp ýa-da yzyna alyp biler.

7. Ylalaşýan Taraplar araçy kazyýet şol sanda araçy kazylaryň galam haklary we çykdajylary bilen baglanyşykly harajatlary deň derejede çekerler. Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasynyň Geňeşiniň Başlygynyň şu Maddanyň (4) bölüminde bellenip geçilen amallar ýerine ýetirilende eden islendik çykdajylary araçy kazyýetiň çykdajylarynyň bir bölegi hasaplanar.

## 20-nji madda

## Ylalaşygyň hereketiniň bes edilmegi

1. Her bir Ylalaşýan Tarap şu Ylalaşygyň hereketini bes etmek hakynda öz çözgüdi barada ýazmaça habarnamany beýleki Ylalaşýan Tarapa diplomatik ýollar boýunça islendik wagt iberip biler. Şeýle habarnama şol bir wagtda Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasyna hem iberilmelidir.

2. Şeýle halatda eger diňe özara ylalaşyk boýunça habarnama şol möhletiň tamamlanmagyna çenli yzyna alynmasa, Ylalaşyk beýleki Ylalaşýan Tarap tarapyndan habarnamanyň alnan senesinden on iki (12) aýyň geçmegi bilen öz hereketini bes eder. Beýleki Ylalaşýan Tarapyň şol habarnamany alandygy barada tassyknamanyň ýok ýagdaýynda habarnama şeýle habarnama Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasy tarapyndan alnandan soňra on dört (14) günden alnan hasap ediler.

## 21-nji madda

## IKAO-da hasaba almak

Şu Ylalaşyk we oňa islendik düzedişler Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasynda hasaba alynmalydyr.

## 22-nji madda

## Ylalaşygyň güýje girmegi

Şu Ylalaşyk Ylalaşýan Taraplaryň ikisiniň onuň güýje girmegi boýunça Taraplaryň degişli hukuk amallaryna laýyklykda ýerine ýetirilendigi barada diplomatik notalar alyşmak arkaly birek-birege habar bermegi tamamlan aýyndan soňraky ikinji aýyň birinji gününden güýje girýär.

Muny tassyklamak üçin aşakda gol çeken, öz degişli Hökümetleri tarapyndan degişli derejede ygtyýarly edilen ygtyýarly wekiller şu Ylalaşyga gol çekdiler.

Aşgabat şäherinde 2011-nji ýylyň 13 -nji oktýabrynda nemes, türkmen we iňlis dillerinde iki asyl nusgada amal edildi, özi-de ähli nusgalaryň birmeňzeş güýji bardyr. Şu Ylalaşygyň düzgünlerini düşündirmekde çaprazlyklar dörän halatda iňlis dilindäki nusga ileri tutular.

| Awstriýanyň Federal Hökümetiniň Adyndan | Türkmenistanyň Hökümetiniň Adyndan |
|---|---|
| Reinhold Mitterlehner | Merlan Ajazow |

# GOŞUNDY

I bölüm:

A. Awstriýanyň Federal Hökümeti tarapyndan bellenen awiakärhana (kärhanalara) şu ugurlarda iki tarapa hem yzygiderli howa gatnatmalaryny ýerine ýetirmek hukugy berler:

| Uçuş nokatlary | Aralykdaky nokatlar | Geliş nokatlary | Çäklerden daşardaky nokatlar |
|---|---|---|---|
| Awstriýadaky nokatlar | Islendik nokatlar | Türkmenistandaky nokatlar | Islendik nokatlar |

B. Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan bellenen awiakärhana (kärhanalara) şu ugurlarda iki tarapa hem yzygiderli howa gatnatmalaryny ýerine ýetirmek hukugy berler:

| Uçuş nokatlary | Aralykdaky nokatlar | Geliş nokatlary | Çäklerden daşardaky nokatlar |
|---|---|---|---|
| Türkmenistandaky nokatlar | Islendik nokatlar | Awstriýadaky nokatlar | Islendik nokatlar |

II bölüm:

Islendik aralykdaky nokatlara we çäklerden daşardaky nokatlara her bir Ylalaşýan Tarapyň bellenen awiakärhanasy (awiakärhanalary) tarapyndan howanyň «bäşinji erkinligi» hukuklary amala aşyrylmazdan hyzmat edilip bilner.

Howanyň «bäşinji erkinligi» hukuklaryny ýerine ýetirmek Ylalaşýan Taraplaryň ikisiniň awiasiýa häkimiýetleri tarapyndan ylalaşylyp bilner.

III bölüm:

Her bir Ylalaşýan Tarapyň bellenen awiakärhanasy (awiakärhanalary) şol ugurda ylalaşylan gatnatmalar şol Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde başlanan we gutaran halatynda islendik ýa-da ähli gatnawlarda islendik aralykdaky nokatda we/ýa-da çäklerden daşardaky nokatlarda çagyryşlary goýberip biler.